binalary her hili gymmatbaha daşlar bilen bezelipdi. Birinji bina daşy ýaşma, ikinjisi gök ýakut, üçünjisi hakyk, dördünjisi zümerret, bäşinjisi ak hakyk, altynjysy gyrmyzy hakyk, ýedinjisi sary ýakut, sekizinjisi gök zümerret, dokuzynjysy ýaşyl ýakut, onunjysy sary zümerret, on birinjisi Ýemen daşy, on ikinjisi goňur ýakutdy. [21] On iki derweze on iki dürdendi, ýagny her derweze bir dürden ýasalypdy. Şäheriň köçesi dury çüýşe ýaly sap altyndandy. [22] Bu şäherde ybadathana görmedim. Çünki her zada güýji ýetýän Reb Hudaý we Guzy şäheriň ybadathanasydyr. [23] Şäheriň özüni ýagtylandyrmagy üçin, Günüň ýa-da Aýyň geregi ýok. Çünki Hudaýyň ýalkymy ony ýagtylandyrýar. Guzy hem onuň çyrasydyr. [24] Milletler şäheriň yşygynda gezer. Dünýäniň patyşalary şöhratlaryny bu ýere getirer. [25] Şäheriň derwezeleri günuzyn ýapylmaz. Hawa, ol ýerde gije bolmaz. [26] Milletler şöhrat hem baýlyklary bilen oňa geler. [27] Oňa hiç bir hapa zat, ýigrenji we galp işler edeniň hiç biri girmez, diňe atlary Guzynyň ýaşaýyş kitabynda ýazylanlar girer.

## 22-NJI BAP

[1] Perişde maňa şäher köçesiniň ortasynda Hudaýyň we Guzynyň tagtyndan çykýan bulgur ýaly dury ýaşaýyş suwunyň derýasyny görkezdi. [2] Derýanyň iki tarapynda on iki hili miwe öndürýän, her aý miwesini berýän ýaşaýyş agajy bardy. Agajyň ýapraklary milletlere şypady. [3] Indi hiç zat gargyş astynda galmaz. Hudaýyň we Guzynyň tagty şäherde bolar. Bendeleri Oňa gulluk eder. [4] Onuň ýüzüni görer, maňlaýlarynda Onuň ady bolar. [5] Indi gije bolmaz. Ne çyranyň yşygy, ne-de Günüň nury gerek bolar. Reb Hudaý olara yşyk bolup, olar ebedilik höküm sürer.

### *Isa gelýär*

[6] Perişde maňa şeýle diýdi: «Bu sözler ynamlydyr, çyndyr! Pygamberleriň ruhlarynyň Hudaýy Reb, şu ýakynda boljak wakalary Öz gullaryna bildirjek bolup, perişdesini ýollady». [7] «Ine, basym gelýärin! Bu kitabyň weli sözlerini berjaý eden bagtlydyr!» [8] Bu zatlary eşiden, gören men, Ýahýa. Bulary eşiden, gören mahalym men bulary özüme görkezen perişdä sežde etjek bolup, onuň aýaklaryna ýykyldym. [9] Emma ol maňa şeýle diýdi: «Beýle iş etme! Men seniň, seniň pygamber doganlaryň bilen bu kitabyň sözlerini berjaý edýänleriň ýoldaşydyryn. Hudaýa sežde et!» [10] Onsoň maňa şeýle diýdi: «Bu kitabyň weli sözlerini möhürleme. Çünki garaşylan wagt ýakyndyr. [11] Erbetlik eden ýene erbetlik etsin, hapa bolan hapalygynda galsyn. Dogry adam ýene dogrulyk etsin. Mukaddes-de mukaddesligine galsyn». «[12] Ine, basym gelýärin! Berjek sylaglarym ýanymdadyr. Her kese etmişine görä hak bererin. [13] Alfa we Omega, ilkinji hem ahyrky, başlangyç we soň Mendirin». [14] Ýaşaýyş agajyndan iýmitlenme hakyny almak, derwezelerden geçip, şähere girmek üçin, Onuň tabşyryklaryny berjaý edenler* bagtlydyr! [15] Itler, ýagny jadygöýler, zynagärler, ganhorlar, butparazlar, ýalany söýüp, işlerini ýalan bilen ýöredenleriň bary daşarda galar. [16] «Men – Isa, imanlylar ýygnaklaryna degişli bolan bu güwäligi size ýetirsin diýip, Öz perişdämi ýolladym. Men Dawudyň kökünden we neslinden bolan parlak daň ýyldyzydyryn!» [17] Ruh we gelin: «Gel!» diýýär. Her eşiden «Gel!» diýsin. Suwsan gelsin. Dilän gelip, ýaşaýyş suwuny mugt alsyn. [18] Bu kitabyň weli sözlerini eşiden kişä duýduryaryn! Biri bu sözlere bir zat goşsa, Hudaý hem onuň jezasyna bu kitapda agzalan belalary goşar. [19] Eger-de biri bu weli kitabyň sözlerinden bir zady aýyrsa, Hudaý hem bu kitapda agzalan ýaşaýyş agajyndan, mukaddes şäherden oňa ýeten paýy yzyna alar. [20] Bularyň ähलisine güwälik edýän: «Hawa, basym gelýärin!» diýýär. Omyn! Gel, ýa Reb Isa! [21] Rebbimiz Isanyň merhemeti ähliňiz bilen bolsun. Omyn!



* 22:14 *Onuň tabşyryklaryny berjaý edenler* – iň gadymy golýazmalarda: «donlaryny ýuwanlar».

© Mukaddes Kitap Terjime Instituty, 2005